Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**

HALKYŇ ARKADAGLY ZAMANASY 2022

# Biznes reklama

Hepdelik gazet | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Möçberi 16 sahypa ★ ★ ★ ★ ★ Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | 10.10.2022 | Duşenbe | №41 (1244)



## Türkmenistanyň Prezidenti GDA döwletleriniň Baştutanlarynyň resmi däl duşuşygyna gatnaşdy

7-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna iş sapary bilen ugrady we şol ýerde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Sankt-Peterburg şäherinde geçirilýän resmi däl sammitine gatnaşdy.

Aşgabadyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar ugratdylar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyz parahatçylyk söýüjilik, oňyn Bitaraplyk hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugry yzygiderli amala aşyrýar. Şu oňyn strategiýada abraýly halkara guramalaryň we düzümleriň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýär. Türkmenistan özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda, GDA-nyň assosirlenen agzasy bolmak bilen, bar bolan ägirt uly kuwwaty nazara alyp, Arkalaşygyň giňişliginde netijeli gatnaşyklary ösdürmek meselelerinde işjeň orny eýeleýär. Ýurdumyzy GDA döwletleri bilen däp bolan dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, ysnyşykly taryhy-medeni hyzmatdaşlyk baglanyşdyrýar.

...Birnäçe sagatdan soň, hormatly Prezidentimiziň uçary Sankt-Peterburg şäheriniň «Pulkowo» Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar garşyladylar.

Hormatly Prezidentimiz howa menzilinden GDA-nyň nobatdaky resmi däl sammitiniň geçirilýän ýerine — Konstantinowskiý köşgüne tarap ugrady.

Häzirki wagtda Konstantinowskiý köşgi gapylaryny Sankt-Peterburgyň 300 ýyllygyna gabatlap giňden açan «Kongresler köşgi» döwlet toplumynyň binagärlik bölegi bolup durýar. Bu ýerde möhüm çäreler, şol sanda ýokary derejedäki duşuşyklar, maslahatlar, medeni forumlar we beýleki dabaralar geçirilýär. «Kongresler köşgi» döwlet toplumynyň köpçüligiň gelip görmegi we gezelençler üçin açykdygy hem bellärliklidir. Häzir Konstantinowskiý köşk-seýilgäh toplumy Sankt-Peterburgyň möhüm ähmiýetli syýahatçylyk desgalarynyň biri hasaplanýar.

Ýokary derejedäki duşuşyga gatnaşmak üçin Sankt-Peterburga Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew, Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Ermenistan Respublikasynyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan hem geldiler.

GDA döwletleriniň ýolbaşçylary «Mermer» zalyna çagyrylýar. Şol ýerde resmi däl sammit geçirildi.

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin duşuşygy açyp, oňa gatnaşyjylary mähirli mübärekledi. Russiýanyň Baştutany Sankt-Peterburga gelmäge çakylygy kabul edendikleri üçin hemmelere hoşallyk bildirip, şu duşuşygyň ileri tutulýan ugurlarda hyzmatdaşlygyň wajyp meseleleri boýunça dostlukly ýagdaýda pikir alyşmaga, GDA döwletleriniň Baştutanlarynyň Geňeşiniň öňümizdäki hepdede Astanada geçiriljek doly derejeli mejlisiniň öňüsyrasynda garaýyşlary anyklaşdyrmaga mümkinçilik berjekdigini belledi.

Bu gün Arkalaşygyň giňişliginde hyzmatdaşlygyň gün tertibi köp ugurlary, gazanylan ylalaşyklary, şol sanda döwletara derejedäki ylalaşyklary durmuşa geçirmek boýunça wezipeleriň çözgüdini öz içine alýar. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda Türkmenistanyň ençeme gezek GDA-nyň howandarlygynda möhüm duşuşyklaryň, forumlaryň we dürli çäreleriň geçirilýän ýerine öwrülendigini bellemek gerek. Ýurdumyz netijeli gatnaşyklary ösdürmäge hemmetaraplaýyn ýardam bermäge çalşyp, hyzmatdaşlygyň täze, wajyp usullaryny işläp taýýarlamaga, geljegi uly bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge gönükdirilen anyk teklipleri yzygiderli öňe sürýär.

Şu babatda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan GDA gatnaşyjy döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnamany aýdyň mysallaryň biri hökmünde görkezmek bolar. Bu taglymatlaýyn resminamanyň Arkalaşygyň 2019-njy ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda geçirilen sammitiniň netijeleri boýunça biragyzdan makullanylandygyny hem-de kabul edilendigini ýatlatmalydyrys. Şol sammitiň geçirilen ýylynda ýurdumyz GDA-da başlyklyk etdi. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Strategiýasy hut ýokarda agzalan Jarnamanyň esasy ýörelgelerine esaslandy. Onda uzak möhletleýin geljegi nazara almak bilen, hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary kesgitlenildi.

Taryhyň dowamynda emele gelen gatnaşyklar bilen baglanyşan Arkalaşygyň döwletleri köp artykmaçlyklara eýedir. Şolaryň netijeli ulanylmagy umumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýär. Ilkinji nobatda, Türkmenistanyň GDA-nyň çäklerindäki hyzmatdaşlygy has giň geografik we ykdysady sepgitlere çykarmak baradaky başlangyçlary şuňa gönükdirilendir. Bar bolan kuwwaty nazara almak bilen, ulag, kommunikasiýalar we logistika, energetika, senagat, düzümleýin ulgamlar ileri tutulýan ugurlar hökmünde çykyş edýär. Maýa goýum işini işjeňleşdirmek, özara haryt dolanyşygyny mundan beýläk-de artdyrmak, harytlaryň görnüşlerini giňeltmek üçin hem uly mümkinçilikler bar.

Şunuň bilen birlikde, ynsanperwer ulgam hyzmatdaşlygyň möhüm ugry bolup durýar. Ylym we bilim, medeniýet, sungat, ýaşlar syýasaty, saglygy goraýyş, sport ulgamlarynda özara gatnaşyklar ýurtlaryňdyr halklaryň ýakynlaşmagynyň, olaryň arasyndaky dostluk we ynanyşmak gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň möhüm şerti bolup durýar. Türkmenistan Arkalaşygyň döwletleri bilen bu ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygyň uly tejribesini toplap, ony mundan beýläk-de netijeli ulanmagy hem-de ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Häzirki wagtda öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak ugry boýunça gatnaşyklary çuňlaşdyrmak hem örän derwaýys hasaplanýar. Munuň özi döwrüň ählumumy ösüşiniň barşy bilen şertlendirilendir.

Ekologiýa hem özara gatnaşyklaryň möhüm ugry bolup durýar. Häzirki wagtda ekologik howpsuzlygy üpjün etmek, howanyň üýtgemegine we onuň täsirini aradan aýyrmaga degişli meseleler aýratyn üns berilmegini talap edýär. Biziň ýurdumyz olaryň sazlaşykly çözgütlerini gözlemekde tagallalary birleşdirmäge saldamly goşant goşýar.

GDA-nyň çäklerinde hyzmatdaşlyk babatda Türkmenistan parlamentleriň ugry boýunça gatnaşyklary höweslendirmek we ösdürmek, şu maksat bilen Arkalaşygyň Parlamentara Assambleýasynyň tejribesini işjeň ulanmak ugrunda hem çykyş edýär. GDA-nyň synçylarynyň wekilleriniň ýurdumyzda geçirilýän saýlaw möwsümlerine yzygiderli gatnaşýandygy bellärliklidir. Hususan-da, şu ýyl Arkalaşygyň wekilleri halkara synçylaryň hatarynda möhüm jemgyýetçilik-syýasy çärä — Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna monitoringi amala aşyrdylar.

Şunuň bilen birlikde, Arkalaşygyň döwletleriniň halkara we sebit guramalarynyň meýdançalarynda netijeli hyzmatdaşlyk edip, birekbirege goldaw berýändigini bellemek ýerlikli bolar. Mysal üçin, GDA ýurtlary Türkmenistanyň BMG-niň we beýleki abraýly düzümleriň çäklerinde öňe sürýän, Bitaraplygyň döredijilik kuwwatyndan netijeli peýdalanmaga, sebit we ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryny yzygiderli goldaýarlar.

Şeýlelikde, GDA-nyň Sankt-Peterburgda geçirilen resmi däl sammiti Bitarap Türkmenistanyň Arkalaşygyň giňişliginde netijeli gatnaşyklara ygrarlydygyny ýene-de bir gezek aýdyňlyk bilen görkezdi hem-de duşuşyga gatnaşýan ýurtlaryň mundan beýläk-de ähli ugurlar boýunça özara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga meýillidigini tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, «Pulkowo» Halkara howa menziline bardy we şol ýerden Watanymyza ugrady.

**(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).**

Şu sanymyzda

**3-nji sahypada:** **Halkara gatnaşyklary** Hazar: geljegi uly mümkinçilikler

**4-nji sahypada:** **Telekeçilik** Erjel bolsaň, eýgerder

**5-nji sahypada:** **Azyk önümçiligi** Dünýäniň iň iri bugdaý öndürijileri

**13-nji sahypada:** **Üstünligiň taglymaty** «Ferrarisini» satan keşiş



4 833005 330010

Halkyň Arkadagly zamanasy

# Telekeçilik işini ösdürmegiň ýollary



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ilatyň durmuş halýagdaýyny ýokarlandyrmak hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasatynyň baş maksady bolup durýar.

Telekeçilik işi hem döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde zähmete ukyply ilatyň aglaba bölegini iş orunlary bilen üpjün edip, geljegi uly bolan pudaklaryň we önümçilikleriň ýokary depginlerde has-da ösmegine, maýa goýumlaryň güýçli akymynyň emele gelmegine we tiz özleşdirilmegine ýardam edýär.

2022-nji ýylyň sekiz aýynyň jemine görä, ýurdumyzyň azyk harytlar boýunça eksportynyň 95%-i, importynyň 71,41%-i telekeçilere degişlidir.

Türkmenistanda hususy telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw bermek işleri ulgamlaýyn esasda alnyp barylýar. Bulara ýurdumyzda telekeçiligi goldamak boýunça kabul edilýän döwlet maksatnamalary we telekeçiligiň döwlet goldawyny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary aýdyň şaýatlyk edýär.

Häzirki wagtda ykdysadyýet boýunça seljermede telekeçilik işine diňe bir özbaşdak esasda işleri alyp barmagyň usuly hökmünde seredilmän, eýsem, firmaiçeri telekeçilik hökmünde hem seredilip başlandy.

Firmaiçeri telekeçiligi diýlip, telekeçiniň döreden hususy kärhanasynyň içinde firmaiçeri telekeçiligiň görnüşleriniň ösdürilmegine düşünilýär.

Firmaiçeri telekeçiligiň emele gelmegini iri önümçilik gurluşlarynda önümçiligi guramagyň telekeçilik görnüşine geçilmegi bilen baglanyşdyrýarlar. Telekeçilik işi döredijilik erkinligini öz içine alýandygy sebäpli, bitewi önümçilik gurluşlary erkinlige eýe bolýar.

Firmaiçeri telekeçiligiň emele gelmegi durmuş-ykdysady ösüşiň obýektiw meýilleri bilen şertlenýär.

Ykdysady nukdaýnazardan telekeçi — özüniň maliýe, guramaçylyk we beýleki mümkinçilikleriniň esasynda zähmet serişdelerini birleşdirip, tölege ukyply harydy öndürýän adam bolup durýar. Ol maýany emele getirmek we ösdürmek wezipelerini ýerine ýetirýär. Onuň amala aşyrýan işi bütin ykdysadyýetiň ösmegine, täze iş orunlarynyň döremegine subýektiw we obýektiw täsirini ýetirýär. Şonuň üçin täze telekeçilik işleriniň köpelmegi döwlet üçin hem, halk üçin hem, telekeçileriň özleri üçin hem bähbitli bolýar.

Firmaiçeri telekeçiligiň mazmuny önümleriň (işleriň we hyzmatlaryň) belli bir görnüşini öndürýän kärhananyň çäginde täzeçillik ideýasynyň öňe sürülmegi üçin şertleriň döredilmeginde ýüze çykýar:

—olaryň amala aşyrylmagy üçin serişde bölünip berilýär;

—ideýanyň durmuşa geçirilmegi üçin ähli taraplaýyn goldaw berilýär.

Firmaiçeri telekeçilige kärhananyň mümkinçilikleri bilen telekeçiniň ukybyny birleşdirmek esasynda harytlaryň we hyzmatlaryň ýerleşdirilmegi diýip düşünmek bolar.

Firmaiçeri telekeçilik bolup tehnologik kompaniýasyny döretmek hem-de maliýeleşdirmek işi hem çykyş edýär.

Firmaiçeri telekeçi — hereket edýän kärhananyň çäginde özüniň telekeçilik işini alyp barýan adam. Bu korporasiýanyň içinde hususy firmanyň eýesi hökmünde çykyş edýän adamdyr. Ol öz pikirini amala aşyrmak we belli bir netijeleri gazanmak babatda okgunly hereket edýär. Oňa işi amala aşyrmak üçin topary jemlemek ygtyýarlyklary hem berilýär.

Kärhanada netijeliligi gazanmak firmaiçeri telekeçiligiň maksady bolup durýar.

Firmaiçeri telekeçiligiň üstünlik gazanmaklygy üçin aşakdaky ýörelgeleriň ýerine ýetirilmegi örän wajypdyr.

1) Guramanyň içinde işgärleriň oýlap tapyşlaryna bolan eýeçilik hukugynyň goralmagyny üpjün etmek;

2) Firmaiçeri telekeçilik toparlaryna serişdeleri olaryň jogapkärçiligine bölüp bermek;

3) Işgärleriň guramanyň ösüşine gabat gelmekligi üçin olara ýörite okuwlary geçmek.

4) Hemmelerden dogruçyllygy talap etmek hem-de çözgütleri işgärleriň özleriniň kabul etmekleri üpjün etmek.

5) Her bir içerki telekeçi üçin bank hasabyny açmak;

6) Içerki hususy kärhanalaryň arasynda baglaşylýan geleşikleri hasaba almak ulgamyny döretmek;

Firmaiçeri telekeçiligi döretmek üçin kärhananyň içinde erkin telekeçilik ýörelgesini ornaşdyrmaly.

Täze kärhanalar edara görnüşli tarap hökmünde döredilip, özleriniň baş kärhananyň düzüminden bölünip aýrylýarlar. Bu bolsa olara özleriniň ähli mümkinçiliklerini doly peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Kärhanaň içinde döredilen tehnologik kärhanalar özlerini döreden kärhanalarynyň ähli artykmaçlyklaryndan (firmanyň adyndan, abraýyndan, maliýe serişdelerinden we başgalardan) peýdalanýarlar.

Firmaiçeri telekeçiligiň ösmeginiň şertleri

↓

**Durmuş**

↓

**Ylmy-tehniki**

↓

**Ykdysady**

Firmaiçeri telekeçiligiň esasynda telekeçilige oňyn şertleri döretmek hem-de işgärleriň guramaçylyk mümkinçiliklerini peýdalanmak bilen kesgitli netijelere ýetmeklik maksady ýatandyr.

Firmaiçeri telekeçiligiň oňyn taraplary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

— hyzmatdaş kärhananyň maliýesiniň elýeterli bolmagy;

— ideýalar amala aşyrylanda guramaçylyk-tehnologik kömegiň berilmegi;

— adatdan daşary (fors-možor) ýagdaýlarda kömek almaga mümkinçilikleriniň bolmagy;

— harytlary ýerlemek boýunça esaslandyryjy kärhananyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak.

**Gurbanmämmet REJEPOW,**
Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň ilkinji demokratik partiýa guramasynyň başlygy, ykdysady ylymlarynyň kandidaty.
**Nurýagdy AÝNAZAROW,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.



# Öten-geçenlerimiziň hatyrasyna

6-njy oktýabrda Aşgabat ýertitremesiniň pidalarynyň, söweş meýdanlarynda wepat bolan gahrymanlaryň hormatyna «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumynda gül goýmak çäresi boldy. Oňa hormatly Prezidentimiz, Hökümet agzalary, diplomatik wekilhanalaryň, halkara guramalaryň wekilleri, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleri, hormatly ýaşulular, talyp ýaşlar hem-de paýtagtymyzyň ýaşaýjylary gatnaşdylar. Gül goýmak çäresi halkymyzyň öten-geçenlerini hatyralamakda, olaryň ruhuna degsin etmekde bu günüň ruhy sazlaşygyny döretdi.

Şol gün «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyna gül goýmak dabarasy bilen birlikde, bu ýerde öten-geçenlerimiziň ruhlaryna bagyşlanyp, sadaka berildi. Olaryň ýatan ýerleriniň ýagty, jaýlarynyň jennet bolmagy üçin doga-dileg, aýat-töwir edildi.

Gül goýmak çäresi, ötenlerimiziň ruhlaryna bagyşlanyp berlen sadaka parasatly pederlerimiziň däpleriniň mynasyp dowam etdirilýändigini, halkymyzyň ruhubelentligini ýokarlandyrmagyň hatyrasyna nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygynyň nobatdaky aýdyň nyşanyna öwrüldi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).

# Önümçilik birleşiklerinde ýokary netijeler gazanylýar

Azyk önümleri ýurduň ykdysadyýetiniň esasy ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda azyk we beýleki önümleriň önümçilik kuwwatlyklaryny has-da ýokarlandyrmak üçin uly şertler döredilýär. Ýurdumyzda hereket edýän önümçilik birleşikleriniň işjanly hünärmenleri döredilýän mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, önümçilik kuwwatlyklaryny ýyllyň-ýyllyna artdyrylmagy üçin arman-ýadaman zähmet çekýärler. Miwe we gök-bakja önümleriniň gaplama görnüşleriniň ätiýaçlyk goruny taýýarlamakda işjeňlik görkezýärler. Şeýle önümçilik kärhanalaryň biri-de, Mary welaýat alyjylar jemgyýetleriniň birleşiginiň Murgap önümçilik birleşigidir.



Birleşigiň işçileri gaplama önümleriň görnüşlerini hem-de mukdaryny barha artdyrýarlar. Bu önümçilik birleşiginde ýylyň degişli paslynda gök-bakja we miwe önümleriniň birnäçe tonnasy kabul edilip, olardan pomidor, hyýar, kelem, käşir ýaly gök-bakja önümleriniň duzlanan görnüşleri gaplanylýar hem-de tagamly miwe şerbetleri taýýarlanylýar.

Birleşikde süýji önümleriniň hem 10-dan gowrak görnüşi öndürilýär. Önümhanada döwrebap tehnologiýa enjamlarynyň kömegi bilen süýjülere alma, ýertudana, pyrtykal ýaly miweleriň ýakymly tagam beriji goşundylary goşulýar. Aýlyk kuwwaty 35 tonna golaý bolan önümhanada süýji önümleri ýörite, owadan kagyz örtükler bilen örtülýär. Bu bolsa önümleriň hil derejesiniň ýokarydygyna, ekologiýa taýdan arassadygyna güwä geçýär. Dürli görnüşli süýjüler dükanlarymyz, bazarlarymyz bilen bir hatarda türkmen saçaklarynyň hem aýrylmaz önümlerine öwrüldi.

Mary welaýat alyjylar jemgyýetleriniň birleşiginiň Murgap önümçilik birleşigi her ýyl Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň guramagynda geçirilýän Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan durmuş we ykdysady üstünliklerini şöhlelendirýän sergilere gatnaşyp, önümçilik işleriniň alnyp barlyşy hem-de özüniň ýokary hilli gaplama önümleri, süýji önümleri bilen tanyşdyrýar.

Ýeri gelende, Mary welaýat alyjylar jemgyýetleriniň birleşiginiň Murgap önümçilik birleşiginiň Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň bilelikde guramagynda söwda kärhanalarynyň arasynda geçirilen «Ýylyň iň oňat kärhanasy» atly bäsleşiginiň ýeňijisi bolandygyny hem bellemelidiris.

Öndürilýän azyk önümleriniň hil derejesine aýratyn üns berýän önümhananyň işgärleriniň birleşen tagallasy netijesinde, bellenilen meýilnamalaryň artygy bilen ýerine ýetirilýändigi bolsa, aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

**Jahantäç ÖWEZOWA,**
TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby, «Biznes reklama».

## Halkara gatnaşyklary

# Hazar: geljegi uly mümkinçilikler

Gojaman Hazar ähli babatda goja dünýäniň hyzmatynda. Arkadagly Serdarymyzyň belleýşi ýaly, Hazar mümkinçilikleriň deňzi. Ol mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanmak arkaly hazarýaka döwletleriniň, galyberse-de, sebit döwletleriniň ykdysadyýetini täze güýç bilen galkyndyryp bolýar. Ynha, şu meseläniň çözgüdi hem 5-6-njy oktýabrda Russiýa Federasiýasynyň paýtagtynda geçirilen ikinji Hazar ykdysady forumynyň baş maksady boldy.

Hazar deňzi babatda guralýan sammitleriň, geçirilýän forumlaryň her biri aýratyn ähmiýete eýe. 2002-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda geçirilen birinji Hazar sammiti hazarýaka döwletleriniň arasynda uzak möhletli köp ugurly hyzmatdaşlygyň berk binýadyny goýdy. Ondan soňra dürli ýyllarda Tähranda, Bakuda, Astrahanda, Aktauda geçirilen sammitler hem Hazarýaka döwletleriniň bu deňiz babatdaky hyzmatdaşlygyny has ýokary derejä çykardy.

2018-nji ýylda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji sammitinde Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky Konwensiýa gol çekildi. Bu Resminama Hazar deňziniň doly ýagdaýda hukuk binýadyny berkitdi. Şol sammitiň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda birinji Hazar ykdysady forumyny geçirmek babatda karara gelindi.

Birinji Hazar ykdysady forumyny 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda Awazada geçirilip, onuň dowamynda söwda-ykdysady, ulag-logistika hyzmatdaşlyk, iri taslamalar üçin şertleri döretmek we başgada birnäçe möhüm meseleler barada pikir alyşmalar boldy. Forumyň barşynda halkara resminamalaryň 57-sine gol çekildi.

2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabatda Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy Hazar sammitinde hem Kaspiniň deňiz üsti meýdanynda amal edilýän köptaraplaýyn hyzmatdaşlyklara täze itergi berdi.

5-6-njy oktýabrda Russiýa Federasiýasynda geçirilen ikinji Hazar ykdysady forumyna Hazarýaka döwletleriň 5-siniň wekiliýeti gatnaşdy. Forumyň dowamynda türkmen wekiliýeti Hazar sebitinde alnyp barylýan hyzmatdaşlyklary täze derejä çykarmak boýunça geçirilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gepleşiklere gatnaşdy. Türkmen wekiliýeti forumyň dowamynda Hazarýaka döwletleriň arasynda energetika, ulag-logistika ulgamlardaky hyzmatdaşlyklary ilerletmek baradaky birnäçe oňyn tekliplerini öňe sürdi. Bu başlangyçlar Hazarýaka döwletleriniň ählisiniň bähbitlerini nazarlamak bilen, sebitiň geosyýasy hem-de geoykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda örän ähmiýetlidir. Ikinji Hazar ykdysady forumynyň dowamynda Hazar deňziniň syýahatçylyk ulgamynda bar bolan mümkinçilikleri hem içgin ara alnyp maslahatlaşyldy.



Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Hazar hemişe parahatçylyk, dostluk we ylalaşyklylyk deňzi bolupdy we şeýle bolmagynda galýar. Bu hakykat ikinji Hazar ykdysady forumynda hem öz aýdyň beýanyny tapdy.

**Mähriban GANDYMOWA,**
TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.

# HALKARA GATNAŞYKLARYNDA TÄZE GADAMLAR

Dünýä belli alymlaryň biri «Syýasat saýlantgy adamlaryň işidir» diýip belläp geçýär. Hakykatdan hem, muny häzirki wagtda Arkadagly Serdarymyzyň ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda alyp barýan işlerinde aýdyň görmek bolýar. Bu günki günde ýurdumyz dünýäniň 150-den gowrak döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary, 100-den gowrak döwleti bilen bolsa daşary ykdysady gatnaşyklary ýokary derejede ýola goýdy. Şeýle hem Türkmenistan dünýäniň 47 sany abraýly halkara guramalarynyň işjeň agzasy hasaplanýar. Elbetde, bularyň ählisiniň sakasynda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary, durmuşa geçirýän belent maksatly beýik işleri dur.

Häzirki wagtda döwletimiz halkara gatnaşyklary ulgamynda öz ýoluny Bitaraplyk, parahatçylyk we durnukly ösüş doktrinasy esasynda alyp barýar. Şeýle ynsanperwerlik ýörelgelerine eýermegi dünýäniň islendik döwletiniň biziň ýurdumyz bilen ygtybarly hyzmatdaşlyk etmegine giň ýol açyp berýär. Munuň özi Watanymyzyň dünýä ýüzündäki ornunyň has-da berkemegine getirýär.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 16-njy sentýabrynda Özbegistanyň Samarkant şäherinde geçirilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitindäki eden çykyşynda şeýle belledi: «...Halkara gatnaşyklarynda ynanyşmak dialogy filosofiýasyny ilerledip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly Kararnamasynyň taslamasyny işläp düzmek başlangyjyny öňe sürmegi maksat edinýäris. Şeýle resminamalaryň kabul edilmegi bilen, BMG-ä agza döwletleriň ählisiniň, nähili çylşyrymly görünýändigine garamazdan, dartgynly ýagdaýlary gepleşikler arkaly, parahatçylykly ýollar bilen çözmäge pugta ygrarlygynyň tassyklanyljakdygyna ynanýarys».

Arkadagly Serdarymyzyň nygtaýşy ýaly, döwletimiziň öňe sürýän bu başlangyçlary dünýä döwletleri tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Ýurdumyz halkara arenasynda diňe bir diplomatik gatnaşyklary däl, eýsem, şonuň bilen birlikde daşary ykdysady gatnaşyklary hem işjeň ýola goýýar. Muny şu ýylyň sentýabrynda Özbegistan Respublikasyna eden saparynyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary, Russiýa Federasiýasynyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri, şeýle-de, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy bilen geçiren ikitaraplaýyn gepleşiklerinde hem aýdyň görmek bolýar.

ŞHG-nyň Baş sekretary bilen geçiren duşuşygynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň bu gurama bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmäge açykdygyny nygtady. Aýratyn hem ulag-kommunikasiýa ulgamynyň, telekeçilik işiniň Türkmenistanyň bu guramanyň çäklerinde ileri tutýan ugurlarydygyny belläp, ýurdumyzyň olar boýunça iri möçberli taslamalaryň, uzak möhletleýin maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi babatda gepleşiklere taýýardygyny tassyklady. Şeýle hem, hormatly Prezidentimiziň duşuşygyň dowamynda anyk teklipleriň birnäçesini öňe sürmegi ŞHG bilen biziň ýurdumyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn ysnyşykly gatnaşyklaryň has-da berkemegine uly itergi berjekdigini aňladýar.

Ýurdumyz indi birnäçe ýyl bäri Halkara Pul gaznasy, Bütindünýä Söwda Guramasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň özgerdiş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky ýaly dünýäniň belli maliýe guramalary bilen özara gatnaşyklary giňeltmäge uly üns berýär. Şunuň bilen baglylykda, 2020-nji ýylda Türkmenistan Bütindünýä Söwda Guramasynda synçy derejesini gazandy. 2022-nji ýylyň 23-nji fewralynda Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş geňeşiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistana BSG-ä (işjeň synçy hökmünde) goşulýan ýurduň derejesi berildi. 2022-nji ýylyň 15-nji martynda Türkmenistan BMG-niň halkara söwda ugry boýunça komissiýasynyň agzalygyna 2022 — 2028-nji ýyllar döwür üçin saýlandy. Bu bolsa ýurdumyza halkara we sebit derejesinde söwda we ykdysady gatnaşyklary ösdürmek nukdaýnazaryndan oňyn şertleri döredýär.



Häzirki wagtda Türkmenistanyň tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orundadygy doly ykrar edildi. Munuň özi döwletimiziň halkara ykdysady hyzmatdaşlygynda tutýan ornunyň örän ýokarydygyny alamatlandyrýar. Şu babatda 2019-njy ýylyň iýun aýynda Ahal welaýatynda tebigy gazdan sintetiki benzin öndürýän dünýäde ilkinji zawodyň ulanylmaga berilmegi ähmiýetli waka boldy. Bu senagat toplumy «Tebigy gazdan benzin öndürýän dünýäde ilkinji zawod» hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi hem-de Şweýsariýanyň federal tehnologik institutynyň «Innowasion tehnologiýalar» hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Daşky gurşawy goramak baradaky gaznasynyň «Ekologiýa taýdan arassa» diýen giwänamalaryna mynasyp boldy. Gazanylýan bu ýokary derejedäki üstünlikler 2020-nji ýylda kabul edilen «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» düýpli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ŞHG-nyň Samarkant şäherinde geçirilen sammitinde eden çykyşynda: «ŞHG bilen gatnaşyklarymyzy tapawutlandyrýan özara düşünişmegiň, ynanyşmagyň, açyklygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň hem-de birek-birege hormat goýmagyň ýetilen sepgidine ýokary baha berýäris. Bu hyzmatdaşlygy ösdürmäge we baýlaşdyrmaga taýýardyrys. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin, strategik derejä çykarmagy pugta maksat edinýäris» diýip bellemegi, ýurdumyzyň bu abraýly halkara gurama bilen geljekde-de netijeli hyzmatdaşlygy üstünlikli dowam etdirjekdigini kepillendirýär.

Umuman alanyňda, Türkmenistan özüniň Bitaraplyk syýasatynyň esasynda dünýä döwletleri bilen ýola goýan diplomatik we ykdysady gatnaşyklary esasynda häzirki wagtda halkara ulgamynda eýeleýän ornuny has-da berkitdi.

Watanymyzyň halkara abraýyny belende götermekde belent maksatly işleri durmuşa geçirýän Arkadagly Serdarymyzyň tutýan tutumly işleriniň mundan beýläk hem uly rowaçlyklara beslenjekdigini ählitaraplaýyn ösüşlerimiz aýdyň görkezýär.

**Tawus AKJAÝEWA,**
TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

5-6-njy oktýabrda Russiýa Federasiýasynda geçirilen ikinji Hazar ykdysady forumyna Hazarýaka döwletleriň 5-siniň wekiliýeti gatnaşdy.

Birinji Hazar ykdysady forumy 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda Awazada geçirilip, forumyň barşynda halkara resminamalaryň 57-sine gol çekildi.

## Telekeçilik

IŞEWÜRLIK. YLYM. DÜNÝÄ TEJRIBESI.

# Erjel bolsaň, eýgerder

***(publisistik söhbetdeşlik)***



Telekeçi Döwletgeldi Ballyýewi ozalam tanaýardym. «Ýigidiň ady özünden ullakan bor» diýleni ýönelige däl-ä. Ylym ýüki ýetik, anyk aýdanyňda, türk, rus, iňlis dillerini suwara bilýän, öňki Halkara türkmen-türk uniwersitetinden soňra, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bilimini ýene-de kämilleşdiren, häzir ýurdumyzyň ýokary mekdeplerinde hem-ä hukuk ugrundan magistr, hemem ykdysadyýet ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär ýigidiň juda işewürligindenem habarlydym. Pespälden sowatly, gürrüňçil Döwlet bilen bu gezekki söhbetimiz uzaga çekdi. Özem gürrüňçiligi täsin hem garaşmaýan ýerimden başlady:

— Agam, güýz ortasyndan soň mäşewe içip, ýa mäşgarma iýip gördüňmi?

Bu sowala agzym suwaryp gitdi. Iýip bolsa, näsini aýdýaň!

— Gel, onda, mäş diýlen ösümligiň edil şo tagamlar ýaly süýji gürrüňinden başlaly. Ýurdumyzda ylmyň, tehnikanyň hem-de sanly tehnologiýalaryň ösmegine giň ýol açyldy. Şu maksat bilen soňky ýyllarda oba hojalygynda düýbünden täze, ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmeleriň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly giň gerimli işler hem ýaýbaňlandy. Daýhançylyk däbimize hem şol oňyn ýörelgeler täsirini ýetirdi. Türkmenleriň gadymy aş-höreginiň biri bolsa mäşdir. Dünýä derejesinde mäşe bolan islegiň ýyl-ýyldan artmagy bilen, ony ösdürip ýetişdirýän daýhanlara ykdysady taýdan bähbitli hem girdejili boldy.

Dünýä boýunça birje maglumata ýüzleneliň! 2017-nji ýylda Hindistan döwleti jemi 261 890 tonna ýa-da ABŞ-nyň 778,37 million dollarlygy, dünýä möçberinde 39,6%, Hytaý Halk Respublikasy jemi 247 410 tonna, ABŞ-nyň 256,88 million dollarlygy, dünýä möçberinde 13,5%, Wýetnam döwleti jemi 106 650 tonna ýa-da ABŞ-nyň 159,46 million dollarlygy, dünýä möçberinde 8,1%, Ýaponiýa 61 140 tonna ýa-da ABŞ-nyň 111,14 million dollarlygy, dünýä möçberinde 5,7%, Birleşen Arap Emirlikleri 47 000 tonna ýa-da ABŞ-nyň 61,33 million dollarlygy, dünýä möçberinde 3,1% mäş import edip, Ýer ýüzüniň esasy mäş import edijileri boldular.

Hindistan mäşiň belli bir möçberini özünde öndürýändigine garamazdan, dünýäniň mäş öniminiň deň ýarysyna golaýyny import edýän döwletdir. Şeýle hem, Hytaý mäş önümini gaýtadan işlemekligiň tehnologiýasyny düýpli ýola goýup, esasan, mäş önümlerinden dürli taýýar önümleri, şol sanda wermişel-unaş önümlerini öndürip, eksport edijiligini örän ýokarda saklaýar.

Mäşi ýetişdirýän, dünýä bazaryna çykarýan ýurtlaram az däl. Meselem, 2017-nji ýylda dünýä boýunça ortaça 1,97 milliard amerikan dollary möçberinde mäş eksport bolup, şolardan Mýanma 475 690 tonna, Awstraliýa 140 420 tonna, Tanzaniýa 74 770 tonna, Özbegistan 53 260 tonna möçberinde eksportyny amala aşyrdy.

Dünýäde mäşe bolan islegiň ýyl-ýyldan artýandygy, ösdürip ýetişdirmegiň ykdysady taýdan bähbitlidigi, daýhanlara girdejili bolandygy üçin goňşy döwlet bolan Özbegistanda mäşiň öndürilişi 2015-nji ýylda senagat derejesinde ýola goýlup, 2019-njy ýylda mäş eksportyndan gazanan daşary ýurt walýutasy boýunça dünýäde dördünji orna geçdi. Bu görkeziji häzirem saklanýar.

***— Döwlet, mäş ýetişdirmek o diýen bir kynam däl ýaly. Oglan wagtymyz ekilişinem, ýygnalyşynam görüpdik-dä.***

— Mäş bir ýyllyk ösümlik bolup, ol diňe dünýäde ygal-ýagynyň az möçberde düşýän, has yssy ýurtlarynda ýetişdirilýär. Ol öz ekilen ýerini azot bilen baýlaşdyrýar, anyk aýdylanda, her gektarda 150-250 kilogram köpeldip, ýeri mes edýän ekinleriň biri hasaplanylýar. Mäş yssy howany hem-de az möçberde suwy talap edýär. Ösdürilip ýetişdirilende, ekilýän ýeriniň topragyna baglylykda, iki ýa-da üç gezek suwarmak ýeterlik. Şeýle hem tohumyna görä, 75-100 güne çenli möhletde ýetişýän oba hojalyk ekinleriniň biridir. Görnüşine hemem ekiliş usulyna baglylykda, bir gektara 15-20 kilogram tohum sepilýär. Bu ekine ýöriteleşen ýurtlar mäşi Awstraliýa, Mýanma ýaly ýerlerde 1 gektardan ortaça 2-2,5 tonna hasyl alynýar, biziň ýurdumyzda bolsa, 1-1,3 tonna möçberinde çykymhasyl berýär.

***— Dünýäde arzylanýan, islendik ýurduň ilatynyň suprasyny bezeýän nygmat-da, şeýlemi?***

— Diýeniň bärden gaýdýar. Mäşiň bir tonnasynyň bahasy dünýä bazarynda hiline hem reňkine görä, ortaça 800-1500 amerikan dollaryna deň. Onsoň biliber, bu ekiniň önümçiligini senagat derejesinde ýurdumyzda ýola goýmaklygyň ykdysady taýdan nähili bähbitlidigini. Türkmenistanyň howa şertleri mäşi ýetişdirmek üçin juda amatly. Birinjiden-ä, bugdaý orlandan soňra ekilip, güýzki bugdaý ekilişine çenli aralyk ekin hökmünde biziň yssy howa şertlerimizde ýetişdirip bolýanlygy, ikinjiden, az maýa goýum talap edýändigi, ýagny 1 gektara bary-ýogy 15-20 kilogram tohumyň ýeterlik bolýanlygy, üçünjiden, ýurdumyzda bar bolan tehniki enjamlar bilen ekiş işlerini gysga wagtda geçirip bolýanlygy, dördünjiden, mäş ekininiň suwy az möçberde talap edýänligi, mäşiň ekilen ýerini gurplandyrýandygy, bäşinjiden, bugdaýdan soň ekin dolanyşygynda ulanyp bolýanlygy, bugdaýdan boşan ekin meýdanlarynda tomsuň yssy günlerinde döräp biljek şorlaşmanyň öňüni alýanlygy, altynjydan, mäşiň samanynyň juda ýokumlylygy, onuň iri hem ownuk şahly mallara ot-iým bolup hyzmat edýänligi, ýedinjiden, dünýä bazarynda mäşiň ýokary bahadan satyn alynýanlygy hemem tekjedäki ömrüniň uzaklygy sebäpli, ony dünýäniň islendik künjegine eksport edip bolýanlygy.

Ýurdumyz boýunça 2017-nji ýylda 691 tonna, 2019-njy ýylda 2774 tonna, 2020-nji ýylda 1852 tonna we 2020-nji ýylyň bugdaý oragyndan soňra, ikinji hasyl almak maksady bilen, ekileniniň hasabyna 2021-nji ýylyň ilkinji ýarymynda 5858 tonna mäşiň eksport edilendigini agzamak has ýakymlydyr.

***— Döwlet, süýji söhbet bilenem mäşli aş içene dönderdiň. Diýmek, bu ekin az harajat bilen bitip, goşmaça ýer talap etmezden, uly girdeji berýän eken-dä?!***

— Şondan-da, bu bähbitli işe häzir ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň desbi-dähel ýapyşmaklary. Dünýäde mäşiň ýerleniş nyrhlary seljerilende, esasan, senagat taýdan işlenen önümiň nyrhynyň ýokary bolýandygy anyklanyldy. Mäş senagat taýdan işlenilende, alyjylaryň isleglerine görä, harytlyk görnüşi, iriligine we ownuklygyna görä, sortlara bölünýändigi, onuň dänesiniň doly hem-de pak görnüşiniň saýlanýandygy, olaryň reňklerine görä saýlanýandygy, ýokary hilli tohumlyk mäşi indiki ekiş üçin alyp galmak mümkinçiliginiň barlygy hökmany şertler bolup durýar. Häzir ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary özümizde bitýän mäşi daşary ýurt bazarlaryna ýokary nyrhdan ýerlemekligi ýola goýmakda şu talaplardan ugur alýarlar. Şonuň üçin senagat enjamlary satyn alnan ýagdaýynda, öndürijiler tarapyndan ýetişdirilen mäşi höweslendiriji bahadan satyn almaga, ýurdumyzda onuň ýokary hilli tohumynyň goruny döretmäge, daşary ýurt walýutasynyň ýurdumyza gelýän möçberini artdyrmaga, mäşi eksport edýän telekeçileriň maýa goýumlarynyň gysga wagtda özüni ödemekligine doly mümkinçilik dörär.

***— Döwlet, bu döwletli işiň ugrukmagy üçin esasy işiňiň daşyndan «ylgaýanlygyň» hakda-da eşidýäs.***

— Hawa, ýagşy işe goldan gelen ýardamy etmek — parz hem sogap. Mähriban Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň berkemegi, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek, diwersifikasiýa arkaly eksport mümkinçiliklerimizi giňeltmek babatdaky tagallalaryna goşandymyzy goşmak bagt hem jogapkärçilik ahbetin! Men 2019-njy ýylda mäşi senagat derejesinde ekip ýetişdirmek baradaky pikiri ýurdumyzda ornaşdyrmak maksady bilen, «Hilli Gaplama» hojalyk jemgyýetiniň işgärleri bilen bilelikde dünýäniň 3 döwletinden getirilen we ýurdumyzda bar bolan tohumlaryň jemi 6 görnüşini 26 gektarda ekip, doly synag etdik. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, Telekeçiler partiýasynyň, şeýle-de, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň hünärmenleriniň gatnaşmagynda 2019-njy ýylyň iýul aýynyň başynda «Ösüşiň ak ýoly» atly duşuşyk guradyk. Şonda esasy meseleleriň biri, Hindistan döwletinden getirilen gara we ýaşyl mäşiň tohumlaryny ýerli şertlerimize uýgunlaşdyrmagyň amaly çözgüdi barada geçirilen ylmy tejribe-barlag işleriniň netijeleri boldy. Tejribä laýyklykda, doly gögeriş alnyp, ösüşiň oňat dowam edýändigi anyklandy. Hindistandan getirilen mäşiň tohumlaryny suwarmak üçin ýörite niýetlenen «Geliobioplato» desgasynda dört komponentli suwuklygyň düzümine «Saprofit» bakteriýalar bilen baýlaşdyrylyp gurplandyrylan «biogoşundy» taýýarlanyldy. Bu gurplandyrylan suwuklyk bilen şorlaşan ýerlerde ýuwuş suwuny geçirip, gaýtadan dikeltmegiň hem-de ekin meýdanlaryny suwarmakda peýdalanyp bilinjekdigi doly subut edildi.

Netijede özümizi gyzyklandyran meseläniň ýurdumyzyň hemme künjekleri babatynda ýokary ähmiýetlidigi biragyzdan nygtaldy. Esasan hem, ýurdumyzda telekeçilik infrastrukturasyny döretmegiň oňyn teklipleri hem-de ekologiýa we tebigy serişdeleri aýawly peýdalanmak meselelerini çözmäge gönükdirilen strategik ugra aýratyn ähmiýet berildi. Şunda daýhan hojalyklarynyň, ýer bilen iş salyşýan islendik adamyň, esasan-da, işewür telekeçileriň mäş ekinini ekmekden aljak peýdalary, bu ekiniň suwarymly meýdanlary gurplandyrmakda, şol hojalyklarda üznüksiz önümçiligi ýola goýmakda peýdasy ilik-düwme seljerildi, ylmy hem amaly babatda takyklandy. Bu ugurdaky taslamalary taýýarlamagyň bähbidi hakda içgin gürrüň edildi. Şu döwletli hem diýseň bähbitli çäräni guramakda, ylmy tejribeleri geçirmekde aýratyn aladasy üçin Tehnologiýalar merkeziniň Energiýany öndürmegiň we tygşytlamagyň tehnologiýalary barlaghanasynyň müdiri, belli alym Meret Hudaýberdiýewe we Tehnologiýalar merkeziniň Biotehnologiýalar barlaghanasynyň esasy hünärmeni Hudayberdi Muhammedowa aýratyn sag bolsun aýdýarys.

***— Garaz, meşhur şahyrymyz Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eserinde waspy edilýän bu ekiniň bähbidi bilseň köp eken-dä. Ýadyňa düşýän bolsa, şonda şeýle setirler bardyr:***

Ýyglyp etdiler jennet dalaşy,
Bu dalaşda görüň, kim noýba, mäşi.

***Gaýyby-da mäşi ýönelige ýazan däldir-ä? Galyberse-de, halk arasynda onlarça rowaýat, nakyllardyr tymsallar mäş bilen bagly. Diýmek, bu ekiniň biziň döwrümizdäki ykdysady peýdasy has aňyrdan aýlanýar-da, şeýlemi?***





— Entegem aýdýanyň bärden gaýdýar. Mäş — türkmen topragynyň gadymy ekini. Diýmek, ekene bähbitlidir, iýene ýaramlydyr, galan-gaçany guşa, mal-gara iýmlikdir. Biz indi düýbünden başga — tehnologiýalar asyrynda, ylym bilen tejribäniň berk utgaşykly zamanynda, ykdysady bähbitlilik, esasan-da, bazar gatnaşyklary döwründe ýaşaýarys. Şunda öňden gelýän daýhançylyk däbini zamananyň talaby hem-de ösüşleri bilen utgaşdyrmak, şeýdip, bazar bolçulygyny döretmek, başaryp bolsa, bu önümi dünýä bazaryna çykarmak ýörelgesine eýermeli. Bu döwrüň talaby, bazaryň islegi, umumadamzat bähbidi. Bu işi erjel bolsaň, eýgerersiň. Biziň telekeçilerimiziň şeýle wezipelere abraý bilen hötde geljekdigine bolsa gürrüň bolup bilmez. Biz bu gezek diňe dyrnagyň aýtymyndanam kiçi mäş hakda gürrüň etdik, nesip bolsa, bu söhbedimiz uzyn bolar.

«Biznes reklama» gazetine şeýle publisistik söhbetdeşlikler toplumyny döretmek hakdaky başlangyjy üçin sag bolsun aýdýaryn. Onda näme, indiki söhbetdeşlige taýynlanybereli.

***— Döwlet, şeýlekin täsin hem täsirli, okanlara bähbit getirjek söhbede biz hemişe taýýardyrys. Häzirlikçe sag bol!***

Söhbetdeşligi guran:
**Gurbannazar ORAZGULYÝEW, «Biznes reklama».**



Türkmenistan 2021-nji ýylyň ilkinji ýarymynda 5858 tonna mäşi eksport etdi.

Mäşiň bir tonnasynyň bahasy dünýä bazarynda hiline hem reňkine görä, ortaça 800-1500 amerikan dollaryna deň.

Azyk önümçiligi

# Dünýäniň iň iri bugdaý öndürijileri

Bugdaý tutuş dünýäde medeni ekinleriň iň irki görnüşleriniň biri hasaplanyp, ol häzirki wagtda dünýäniň azyk üpjünçiliginde möhüm orun eýeleýär. Şonuň üçin hem, bugdaý ýetişdirmek, ony eksport etmek bilen bagly ýagdaýlar dünýäniň köp döwletlerinde möhüm ähmiýet berilýän ugurlaryň biri bolup durýar. Gazetiň şu sanynda bugdaý ýetişdirmek, ony eksport we import etmekde dünýäniň öňdebaryjy döwletleri barada giňişleýin makala taýýarlap, ony okyjylaryň dykgatyna ýetirmegi makul bildik.




